# Çingiz han -70: romanyň dowamy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çingiz han -70: romanyň dowamy On bäşinji bap



TATARLARYŇ SÜŇK ÜSTÜNDE EDEN MEÝLISI
*…Knýazlary bolsa, tutanlaryndan soň ýatyryp, üstelerine tagta goýdular, özleri-de şol tagtalaryň üstünde oturyp toý etdiler. Knýazlar şeýdip özleriniň ömrüni gutardylar.*
***(Troisk sene ýazuwy)***

Kalkanyň kenarynda, belent alaňyň üstünde Subudaý Batyr özüniň ähli müňbaşylaryny we ýüzbaşylaryny uruş hudaýy Suldä dabaraly ybadat etmäge çagyrdy. Ony çytyk ýüz, tüýlek Beki porhan talap etdi. Ýokarsy çowlanyp gidýän telpekli, egni aýy derili, endam-janyndan her dürli pyçaklar, gurjaklar we düwmeler asylgy garry jadygöý eline tokmak alyp, dep kakýardy, şonuň bilen bilelikde bökjekläp, bir tegelegiň daşyna aýlanýardy, tegelegiň ortarasynda bolsa Kiýewiň beýik knýazy Mstislaw

Romanowiç we ruslaryň beýleki ynanjaň on bir knýazy güýlüngi ýatyrdy.
Tatarlar kellelerini ýaýkap we agyzlaryny jukgulladyp, olara seredýärdiler we ýesirleriň arasynda «konýaz Mastislýabyň» ýokdugyna gynanyp, hyrçlaryny dişleýärdiler – olaryň şöhratlanan «rus Jebesini» göresleri gelýärdi…
Beki porhan ybadat sözlerini gygyryp sarnaýardy we tüýlek ýüzüne depregini tutup, kä sar bolup jürleýärdi, kä baýguş bolup gygyrýardy, kä aýy kimin arlaýardy, kä möjek bolup uwlaýardy – bular onuň mongollara täze ýeňiş getiren gudratly uruş hudaýy Sulde bilen gürrüňleşdigidi.
– Hudaý Suldäniň gahar edäýşini eşidýäňizmi? Sulde ýene ajygypdyr, ol adam gurbanyny talap edýär. – diýip, porhan arlaýardy.
Alaňyň töweregindäki düzlükde müňlerçe tatar urşujysy ýerleşdi. Olar telim ýerde ot ýakdylar we ýaş gysraklary kesip, soýmaga başladylar.
Tatarlar rus arabalarynyň arşlaryny we tagtalaryny goparyşdyryp getirdiler-de güýlüngi knýazlaryň üstüne basdylar. Şol tagtalaryň üstünde tatarlaryň üç ýüz goşun baştutany ynjalyp oturdy. Olar gymyzly pyýalalaryny göterip, gazaply uruş hudaýy, mongollaryň howandary Suldäni taryplaýardylar we «älemi titrediji», gyzyl sakgally, ýeňilmez Çingiz hany öwýärdiler. Tanymal rus knýazlarynyň huny hökmünde hödürlenen puly tatarlar almadylar we hudaý tarapyn iberlen Çingiz hanyň goşunlary bilen söweşmäge milt eden bu ýesirleri Sulde hudaýa gurban etdiler. Tagtalaryň aşagynda mynjyran knýazlaryň iňňildisi we gargyşy eşidilende, tatar batyrlary hahahaýlaşýardylar. Iňňildiler we gykylyklar kem-kemden ýuwaşaýardy, heşelle kakýan mongol urşujylarynyň aýdymy ol iňňildilerden ökde çykdy:

Ýatlalyň-a, ýatlalyň,
Mongol çölün ýatlalyň!
Mawy Kerulen bilen,
Algyn Onon ätläliň.

Mongollaryň goşuny
Aldy duşman daşyny.
Baş egmedik taýpalaň
Naýza sançdy başyny.

Paýhyn edýäs illeri,
Düýpden kesýäs dilleri,
Gyzyl gana boýadyk
Kälden akýan silleri.

Meýlis wagtynda serkerde Tohuçar-noýon ýerinden turdy we mergenleri awa çagyrýan signaly sygyrdy, Tanyş çakylygy hemmeler eşidenden soň dym-dyrslyk boldy. Tohuçar ör turup duran ýerinden urşujylara ýüzlenip gygyrmaga başlady:
— Beýik kagan Çingiz han adamlaryň iň parasatlysydyr! Ol hemme zady ýüz gün, müň ýyl öňünden görýär… Ýeňilmez arslanlary — Jebe-noýony we Subudaý Batyry gözläp tap diýip, ol meni batyrlar tümeni bilen sizin yzyňyzdan iberdi. Kagan söweş güni kömek ibersem — iň gowy sowgat etdigim bolar diýdi…
— Dogry, dogry! — diýip, mongollar gygyryşdylar.
— Biz hiç ýerde eglenmän, dürli ýurtlaryň üstünden geçdik. Biz baran ýerlerimiziň hemmesinde ýeňilmez mongol gylyçlarynyň yzlaryny gördük. «Jebe bilen Subudaý diýen şöhratly batyrlar nirede?» diýip soranymyzda, gorkusyna titreşip duran ilat dyzyna çöküp, ellerini günbatara salgaýardy. Biz uruş başlanjak bolup durka şu ýere gelip ýetişdik we meniň on müň atlym söweşe girişdi… Biz siziň bilen birleşip, uzyn sakgal ruslary dessine derbi-dagyn etdik…
— Şöhratyň artsyn, Tohuçar! Sen aýny wagtynda geldiň!
Tohuçar sözüni dowam etdirdi:
— Dünýäniň beýik häkimi Çingiz han siz hakda alada edýär we öz yradasyny meniň bilen iberdi… Onuň mukaddes hatyny onuň ýörite iberen çapary getirdi. Meniň on müň atlym ony gymmat almaz ýaly gorap geldi we sag-aman şu ýere getirdi. Görüň, ynha ol!
Endam-janyndan düwmejikler asylgy, laçyn ýelekleri bilen bezelen telpekli, egri aýak, garry bir mongol Subudaý Batyryň ýanyna bardy. Goltugyndan ol teletin turbajyk çykardy. Şonuň

içinde düýrlenip goýlan bir kagyz bardy. Subudaý öýeüniň egrem-bugram barmaklary bilen mum möhüri goparyp aýyrdy. Musulman selleli çal sakgal mürze düýrülgi kagyzy açyp, onda ýazylan sözleri öz içinden okady, soňundan Subudaýyň gulagyna pyşyrdap aýtdy. Şondan soň Subudaý ýerinden turdy-da:

– Beýik kagan höküm edýär! Hormat bilen diňläň! – diýip gygyrdy.

Goşun baştutanlarynyň hemmesi birden ýerlerinden turdy. Ony görüp, beýleki tatarlar-da zöwwe ör turdular. Goşun baştutanlary oturyp, ýüzlerini ýere goýdular, olaryň yzy bilen bütin lager ýere ýüzüni berip ýatdy. Olar kellelerini galdyryp:

– Beýik kagan buýurýar! Biz boýun egýäris! – diýip gygyrdylar.

Subudaý Batyr sözüni dowam etdirdi:

– Ýalňyz we ýeňilmez hökümdar şeýle sözler ýazypdyr:

«Şu haty alanyňyzdan soň atlaryňyzyň ýüzüni yza öwrüň. Älemi ýeňip almagy ara alyp maslahatlaşmaga gurultaýa1 geliň.

Alla asmanda, kagan – Allanyň ýer ýüzündäki güýjüdir. Yklymy soraýanyň, ähli adamlar hökümdarynyň möhri».

Subudaý ýere egilen mongollaryň ýagyrnylaryna göz aýlady-da, elini ýokary galdyryp:

– Indi men geplejek!.. Maňa gulak asyň! – diýdi.

Hemmeler göneldi we çöklerine düşüp oturan ýerlerinden demlerini tutup, «dabanyny gemirden barsa» seretmäge başladylar.

– Biz şu gün keýp çekeris, ertir gün dogandan soň, hemmämiz öz hökümdarymyzyň altyn öýüne baka ugrarys. Her kim haýallyk etse, mynjyradyljakdyr!

Urşujylaryň hemmesi begenjine gygyryşdylar we ýene arkaýyn oturyp, gykuwlaşyp, aýdym aýdyşyp meýlislerini dowam etdirdiler.

Şol günüň ertesi ir bilen güne sežde edip we nedir-nyýaz etmek bilen gymyz içip, mongollar atlaryna mündüler. Olar mal sürülerini we egin-başy ýyrtyk-ýyrtyk, ysgyndan gaçan ýesirleri sürüp ugradylar. Mongollaryň talap alan zatlary we agyr ýaralanan mongollar ýüklenen we öküz goşulan arabalar özleriniň jygyldysy bilen sährany doldurdylar we bulut ýaly

bolup ýokary galýan tozanyň içinde gözden ýitip gitdiler. Subudaý Batyr mongol goşunynyň öňüne düşüp barýardy. Ol Kiýew knýazy Mstislaw Romanowiçiň kellesini torba salyp, öz ýany bilen alyp barýardy, onuň altyn haşamly polat telpegini we döşüne dakynýan zynjyrlyja altyn hajyny hem öz ýany bilei alyp barýardy. Subudaý özüniň gymmat bahaly torbasyny eltip, älemi titrediji, ýeňilmez Çingiz hanyň altyn tagtynyň öňünde goýjakdygy hakynda pikirlenende, onuň durşuna tyg ýaralarynyň yzy bolup duran, kir basan ýüzi ýylgyrýan ýaly bolup gyşaryp gidýärdi…

Jebe-noýon özüniň aňtawçylar ýüzlügi bilen goşunyň yzyndan ýüzüni sallap barýardy. Ol hiç bir olja alyp barmaýardy we gök Kerulen hakynda, altyn Onon we giň mongol sähralary hakynda, ýelin şuwwuldysy ýaly, zaryn aýdym aýdýardy…

Mongollar demirgazyk-gündogara, Idil (Wolga) derýasyna tarap gitdiler, onuň üstünden geçip, Uralyň günorta gerişleriniň üsti bilen Horezm düzlüklerine gitdiler. Gypjak sährasy mongollaryň we tatarlaryň gazaply goşunyndan boşady. Olar edil gelişleri ýaly, duýdansyzlykda we düşnüksiz sumat boldular. Olar gidenden soň gypjak taýpalarynyň käbirleri özleriniň tozdurylan iline gaýdyp geldiler, başgalary Ugor sährasyna we Dunaýyň aýaklaryna göçüp gitdiler. Şol wagtda gypjak hanlary-da, rus knýazlary-da tatarlar indi hiç dolanyp gelmez öýdýärdiler, şol sebäpli täze urşa taýynlanman, özleriniň günlerini «dawalar we agzalalyklar» bilen geçirýärdiler, Çingiz hanyň günbatara öňküden-de aýylganç çozmak niýetiniň bardygy olaryň ýatsa-tursa kellesine gelenokdy…

---

1 Gurultaý – hökümdarlyk edýän urugyň tanymal feodallarynyň maslahaty. Uly goşun baştutanlary-da gurultaýa gatnaşýardylar. Ýönekeý mongol gurultaýa goýberilmeýärdi. Taryhy proza